# Bahar aýynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bahar aýynda BAHAR AÝYNDA

Tebigat täze bir görnüşe girip,
Beslendi. Daýhanlar barýarlar işe,
Depelikde goýun-guzy mäleşip,
Ýazyň gelenini buşlady gyşa.

Gök maýsalar doldy depäň ýüzüne
Öwsüp gök begresin geýen mysaly.
Çigildemler böwsüp çykdy äleme,
Topraga düşeldi al-elwan haly.

Üç aýlap goş basyp ýatan arly gyş,
Bu gün öz möwritin geçirdi ynha,
Asmanda bulutlar ikä bölündi,
Tebigat görkezdi täsin bir sahna.

Çykardy adamlar agyr possunyn,
Şonuň bilen gitdi gyşyň sowugy.
Obaň gara maly sährama siňdi,
Ketekden çykardy horaz-towugy.

Baharda döreýär aýdymlaň köpi,
Ene hakda, Watan hakda, ýar hakda,
Ýaşadykça ýene ýaşasyň gelýär,
Ýüreklere ylham berýän toprakda. Goşgular